**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir

# TALYP SPORTY

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy publisistiki neşiri | Esaslandyryjysy — Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty | Oktýabr, 2026ý. 10-njy sany



# TÜRKMENISTANYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY — DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE

Ähliumumy gün tertibiniň meselelerini çözmekde işjeň orun eýeleýän ýurdumyz parahatçylygy, daşky gurşawy we durnuklylygy üpjün etmek, umumy abadançylygyň hatyrasyna netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça tagallalary birleşdirmäge ägirt uly goşant goşýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň oktýabr aýynda Baku we Ýerewan şäherlerinde geçirilen ýokary derejeli çärelere gatnaşmagy dünýäde ähliumumy hyzmatdaşlygyň jogapkärli gatnaşyjysy hökmünde ýurdumyzyň yzygiderli artýan abraýynyň nobatdaky aýdyň subutnamasy boldy.

15-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň nobatdaky sammitine gatnaşmak üçin iş sapary bilen Azerbaýjan Respublikasynda boldy.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda sammitiň çuňňur geosyýasy we geoykdysady özgerişlikleriň döwründe geçýändigini belläp, şunda halkara hukugyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň kadalarynyň berk berjaý edilmeginiň aýratyn ähmiýete eýe bolýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasynda öňe süren 2028-nji ýyly «Halkara hukuk ýyly» we 2027 — 2037-nji ýyllary BMG-niň «Dialog we öňüni alyş diplomatiýasynyň onýyllygy» diýip yglan etmek baradaky başlangyçlaryna aýratyn ünsi çekdi we ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň mümkinçiliklerini has giňden ulanmagyň möhümdigini nygtady.

«Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2026 — 2035-nji ýyllar üçin «Durnukly ulagyň onýyllygy» hakyndaky Kararnamasyny dowam etmek bilen, ýurdumyz ulag we logistika ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen başlangyçlary yzygiderli öňe sürýär. Şolaryň hatarynda Merkezi we Günorta Aziýanyň Hazar deňziniň üsti bilen Ýewropa bazarlaryna çykmagyny üpjün edýän yklymara ulag ugurlaryny döretmek hem-de Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny işläp taýýarlamak ýaly başlangyçlar bar.

Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşiniň çäklerinde ulag meseleleri boýunça ministrler derejesindäki dialogy ösdürmek maksadalaýyk bolardy diýip hasaplaýarys. Şeýle format milli tejribäni paýlaşmaga, bar bolan päsgelçilikleri ýüze çykarmaga hem-de ähli gyzyklanma bildirýän döwletleriň bähbidine amaly maslahatlary işläp taýýarlamaga mümkinçilik berer» diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, sanlylaşdyrmak ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyň ähmiýeti hem barha artýar, emeli aň we beýleki öňdebaryjy tehnologiýalar ykdysadyýeti ösdürmek, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de diplomatik gurallary kämilleşdirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen birlikde, olaryň ulanylmagy halkara hukuga, ynanyşmak we ähli döwletleriň bähbitlerini nazara almak ýörelgelerine esaslanýan jogapkärçilikli çemeleşmäni talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarda we diplomatiýada emeli aňy parahatçylykly ulanmak boýunça Halkara kodeksi işläp taýýarlamak baradaky başlangyjyny goldamaga çagyrdy.

Döwlet Baştutanymyz Aziýada hyzmatdaşlygy we ynanyşmagy berkitmegiň çäreleri Geňeşine gatnaşyjy ýurtlaryň işjeň hem-de zehinli ýaşlaryndan ybarat Ynanyşmagyň ýaş ilçileriniň toruny döretmegi teklip etdi. Bellenilişi ýaly, hyzmatdaşlygyň bu formaty ýurtlarymyzyň parahatçylyk, özara hormat goýmak we netijeli medeniýetara dialog taglymlaryny ilerledip biler.

Döwlet Baştutanymyz serhetüsti ekoulgamlary, haýwanlaryň migrasiýa ýollaryny we tebigy serişdeleri gorap saklamak maksady bilen, sebit hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegini ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda belläp, ýurdumyzyň Hazar deňziniň ekologiýa abadançylygyna, Aral deňziniň-basseýniniň ekoulgamyny goramaga hem-de çölleşmä garşy göreşmäge aýratyn ähmiýet berýändigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz bio köpdürlüligi goramak ulgamynda ählumumy maksatlara ýetmek üçin BMG-niň ulgamynyň ylmy, bilermenlik we institusional mümkinçiliklerini doly derejede ulanmagyň zerurdygyna berk ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 81-nji sessiýasynyň çäklerinde Türkmenistan ekologiýa howpsuzlygy we howanyň üýtgemegine garşy durnuklylyk ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmegi dowam eder. Hususan-da, ýurdumyz yzygiderli syýasy we bilermenlik hyzmatdaşlygyny alyp barmak, anyk başlangyçlary ilerletmek hem-de halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin açyk köptaraply meýdança hökmünde Aşgabat howa dialogyny döretmek ugrunda çykyş edýär.

TDH-niň habary esasynda taýýarlanyldy.

# MILLI SPORT DÖWREBAP ÖSÜŞIŇ ÝOLUNDA

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, bedenterbiýäni we sporty döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Şu maksat bilen, Diýarymyzyň ähli künjeklerinde sport desgalarynyň binýady pugtalandyrylýar, ýaşlaryň türgenleşmegi, hünärmenleriň taýýarlanylmagy, sport ylmynyň gazananlarynyň durmuşa ornaşdyrylmagy üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Golaýda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp geçirilen «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwründe» atly halkara ylmy maslahat we sergi hem bu syýasatyň mazmunyna has çuňňur düşünmäge, geljekki wezipeleri ylmy nukdaýnazardan seljermäge mümkinçilik berdi.

Ýurdumyzda bedenterbiýe-sport ulgamy bilen bagly giň gerimli maslahatlaryň geçirilmegi, ilkinji nobatda, sportuň jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuny ýokarlandyrmakda, onuň ylmy esaslaryny berkitmekde möhüm tagallalardyr. Sport diňe rekordlardan ýa-da ýeňişlerden ybarat bolman, ol ýaş nesliň saglygyny, erjelligini, düzgün-nyzamlylygyny we watansöýüjilik duýgusyny terbiýeleýän uly mekdepdir. Şonuň üçin hem ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni hem-de ýokary netijeli sporty ilerletmek wajyp wezipeler hökmünde täze derejelere çykarylýar.

Häzirki döwürde türgenlerimiziň halkara ýaryşlardaky üstünlikleri diňe olaryň zehinine ýa-da fiziki güýjüne bagly bolmaýar. Bu netijeleriň aňyrsynda sport lukmançylygynyň, biomehanikanyň, psihologiýanyň, dogry iýmitlenmegiň, dikeldiş işleriniň hem-de ylmy esasly türgenleşik meýilnamasynyň sazlaşykly işi durýar. Dünýä tejribesiniň görkezmegine görä, taýýarlygyň her tapgyrynda maglumatlary öwrenmek, türgenleşikleri kadaly geçirmek we türgeniň saglygyny goramak ýokary netijäniň durnukly bolmagyna hyzmat edýär. Häzirki döwürde bu ugurlara aýratyn ähmiýet berilmegi ýokary okuw mekdebimiz üçin hem aýratyn ähmiýetlidir: sportuň geljegi ylmyňwe tejribäniň biri-birini baýlaşdyrmagy bilen berk baglanyşyklydyr.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň biri hem döwrebap bilimli tälimçileri, bedenterbiýe mugallymlaryny hem-de sport ulgamynyň beýleki hünärmenlerini taýýarlamakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglylykda, bu ulgamda dünýä tejribesine esaslanýan ylmy binýadyň berkidilmegi okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmäge, nazary bilimleri amaly sapaklar bilen utgaşdyrmaga we ylmy gözlegleriň netijesini türgenleşikler bilen ýakynlaşdyrmaga giň ýol açýar. Şunda ýokary okuw mekdebimiziň işine uçurymlarymyzyň hünär ussatlygy, talyplaryň sport üstünlikleri we jemgyýete ýetirýän peýdasy bilen baha bermek has möhümdir.

Halkara ylmy hyzmatdaşlyk bu maksatlara ýetmegiň ygtybarly ýoly bolup durýar. Dürli döwletleriň alymlarynyň we hünärmenleriniň gatnaşmagynda golaýda geçirilen maslahat sport biliminiň milli tejribe bilen çäklendirilmeýändigini ýene bir gezek aýdyň görkezdi. Bu babatda özara tejribe alyşmak arkaly täze ylmy usullary öwrenmek, bilelikdäki barlaglary ýola goýmak, mugallymlaryň we talyplaryň hünär gözýetimini giňeltmek üçin täze mümkinçilikler döreýär. Şunda dünýäniň öňdebaryjy tejribesini ýurdumyzyň mümkinçiliklerine, milli sport däplerine, türgenlerimiziň taýýarlyk şertlerine laýyklykda peýdalanmak esasy ýörelge bolmalydyr.

Şu nukdaýnazardan, agzalan maslahatyň dowamynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen Gruziýanyň döwlet sport uniwersitetiniň arasynda geçirilen gepleşikleriň ähmiýeti aýratyn bellärliklidir. Gepleşikler ýokary okuw mekdepleriniň gatnaşyklaryny yzygiderli, maksada gönükdirilen işlere öwürmek üçin möhüm esas bolup hyzmat edýär. Meýilleşdirilen işleriň durmuşa geçirilmegi professor-mugallymlaryň ylmy we usuly tejribeleri alyşmagyna, talyplaryň täze çemeleşmeleri öwrenmegine, bilelikdäki ylmy başlangyçlaryň ilerledilmegine mümkinçilik berip biler. Gazanylan tejribäniň okuw we türgenleşik işlerinde giňden peýdalanylmagy aýratyn möhümdir.

Gruziýanyň ugurdaş ýokary okuw mekdebi bilen ýola goýulýan hyzmatdaşlyk sport pedagogikasy, türgenleri taýýarlamagyň usulyýeti we ylmy barlaglar babatda gatnaşyklary ösdürmekde berk binýat döredýär. Biziň üçin onuň ýene bir möhüm tarapy ýaş hünärmenlerde halkara derejede pikirlenmek, dürli sport ugurly mekdepleriň tejribesini deňeşdirmek endigini kemala getirmekdir. Bu başarnyk hem ýokary netijeli sportda, hem köpçülikleýin bedenterbiýede peýdalydyr.

Bu wezipeleriň wajypdygyny ýurdumyzyň türgenleriniň şu ýyl halkara ýaryşlarda gazanan netijeleri hem aýdyň görkezýär. Ýylyň başyndan bäri milli ýygyndy toparlarymyzyň agzalary halkara ýaryşlarda jemi 550-den gowrak medal gazandylar. Şol üstünliklere goşant goşanlaryň arasynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplarynyň we uçurymlarynyň bolmagy biziň üçin aýratyn buýsandyryjydyr. Olaryň halkara ýaryşlardaky çykyşlary sport biliminiň, yzygiderli türgenleşigiň hem-de tälimçileriň zähmetiniň özara baglanyşygyny görkezýär.

Häzirki wagtda talyp türgenlerimiziň we uçurymlarymyzyň sportuň dürli görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlaryň düzüminde çykyş etmegi institutyň okuw-terbiýeçilik işiniň amaly ähmiýetini äşgär edýär. Şeýle üstünlikler ýaşlaryň okuwyny türgenleşik bilen utgaşdyrmagy, saglygyny goramagy hem-de geljekki hünär ýoluna taýýarlamagy talap edýär.

Häzirki wagtda milli sportuň döwrebap ösüşi diňe ýokary netijeli sportuň meseleleri bilen çäklenmeýär. Bedenterbiýäniňsagdyn durmuş ýörelgelerini ilerletmekdäki orny, ýaşlaryň boş wagtyny netijeli guramak, sport arkaly dostluk we özara hormat gatnaşyklaryny ösdürmek döwletimiziň öňe süýän maksatlaryna gönüden-göni hyzmat edýär. Olimpiýa hereketiniň adalatly bäsleşik, ynsan mertebesine hormat goýmak hem-de halklaryň arasynda dostlugy pugtalandyrmak ýaly ýörelgeleri ýaşlaryň terbiýesinde möhüm orun tutýar. Şol gymmatlyklary durmuşa ornaşdyrmak sport biliminiň möhüm wezipesidir.

Mahlasy, milli sportuň we bedenterbiýäniň döwrüň ösen talaplaryndan ugur alnyp ösdürilmegi täze gözlegleriň, döredijilikli hyzmatdaşlygyň we anyk amaly işleriň täze sepgitlere ýetmegini şertlendirýär. Bu babatda milli sportuň bilim binýadynyň hem-de amaly tejribesiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi, innowasion çözgütleriň ornaşdyrylmagy hem-de halkara hyzmatdaşlygyň ilerledilmegi netijesinde dünýä derejeli ýeňişlere tarap ýol açýar. Sport ylmyny ösdürmäge, beden taýdan sagdyn, ruhubelent we watansöýüji nesli kemala getirmäge döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.




Hydyr NUNNAÝEW,
Türkmen döwlet
bedenterbiýe we sport
institutynyň rektory,
pedagogika ylymlarynyň
kandidaty.

# SAGLYGY GORAÝYŞ ULGAMY BARHA ROWAÇLANÝAR

9-njy oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky «Arçman» şypahanasynda goşmaça täze binalar toplumy açylyp ulanmaga berildi.

Halkymyzyň saglygy baradaky alada Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan durmuş ugurly döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak we berkitmek, jemgyýetiň sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň hatarynda kesgitlenildi. Şunda şypahana düzümlerine möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň paýtagtynda hem-de welaýatlarynda lukmançylyk, şypahana-dynç alyş, syýahatçylyk ugruna degişli täze desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Häzirki zaman şyphanalarynyň enjamlaşdyrlyşy we olarda hödürlenýän hyzmatlar ýokary halkara ölçeglere doly laýyk gelýär. Bu ugurda «Arçman» şypahanasy ýurdumyzyň esasy bejeriş merkezleriniň biridir.

Şypahanda ýola goýlan hyzmatlar, onuň bejeriş suwunyň derejesi bu ýerde saglygyny berkidýänlere özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Şeýlelikde, ýokary derejeli dynç almak, saglygyny berkitmek üçin bu ýere gelýänleriň sany yzygiderli artýar. Munuň özi şypahanada ilata hödürlenilýän hyzmatlaryň ýokary halkara görkezijilere we saglygy goraýyş ulgamynyň häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelýändiginiň aýdyň güwäsidir.

«Arçman» şypahanasynda täze gurlan 400 orunlyk goşmaça täze bejeriş merkeziniň binalar toplumynda birnäçe köpugurly bölümler hereket edip, olar dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda öndürilen döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edildi.

«Arçaman» şypahansynyň täze binalar toplumy dünýä standartlaryna laýyk gelýän döwrebap şypahana bolup, onda dynç alýanlar üçin ähli amatlyklar göz öňünde tutulandyr. Bu bejeriş merkezi «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň esasy wezipelerini amala aşyrmak, ýagny ilatyň saglygyny goramak, ömrüň dowamlylygyny uzaltmak we keselleriň öňüni almak üçin ýokary derejeli lukmançylyk kömegini amala aşyrýan saglygy goraýyş edaralarynyň biri hökmünde hyzmat edýär.

Ilatyň saglygyny berkitmäge, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletli tutumlarynyň has ilerlemegini arzuw edýäris.

Orazjahan GELDIMYRADOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sportuň mediki-biologik üpjünçiligi kafedrasynyň uly mugallymy.

---

10-njy oktýabrda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň hem-de Halkara pediatriýa merkeziniň açylyş dabaralary geçirildi. Munuň özi ýurdumyzda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli ajaýyp toý sowgady boldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Milli saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdymak we ilata hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Bu ugurda ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasy hereket edip, ol halkymyzyň saglygyny goramaklyga gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeleriň hatarynda Halakara onkologiýa ylmy-kliniki merkezi bina edilip, bu döwrebap binalar toplumy 500 orundan ybarat bolup, ilata ýokary hili ýöriteleşdirilen onkologiýa hyzmatlaryny bermek üçin niýetlenendir. Merkezde onkologiýa kesellerini bejermek üçin ýöriteleşdirilen anyklaýyş, bejeriş we saglygy dikeldiş bölümleri bar. Bu bölümleriň ähli-si dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda öndürilen döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen.

Täze saglygy goraýyş desgalarynyň ýene biri Stomatologiýa merkezidir. Stomatologiýa merkezi häzirki döwrüň iň ösen talaplaryna laýyklykda gurlup ulanylmaga berildi. Merkezde diş keselleriniň öňüni almak we olary bejermek üçin ähli zerur şertler bar. Bu döwrebap merkezde jemi 20 bölüm bolup, onda raýatlarymyza häzirki zaman stomatologiýa hyzmatlaryny ýola goýmaga mümkinçilik döredilen. Bu şertler halkymyzyň saglygyny goramakda edilýän aladalaryň biri bolup, saglygy dikeltmek we bejermek ugrunda alnyp barylýan işleriň düýp sakasydyr.

Saglygy goraýyş desgalarynyň öňdebaryjy ýokary tehnologiýalary bilen bina edilen Halkara pediatriýa merkezi keselleri anyklamagyň we bejermegiň häzirki zaman usullaryny giňden ulnamaga, lukmançylyk kömegi-niň hilini ýokarlandyrmaga we çagalaryň saglygyny berkitmek maksatlaryny göz öňünde tutýan döwrebap lukmançylyk binalar toplumydyr. Halkara pediatriýa merkeziniň düzüminde radiologiýa, funksional anyklaýyş, endoskopiýa, gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömegi, kliniki-biohimiki barlaghana hem-de fizioterapiýa bölümlerini öz içine alýan maslahat beriş-anyklaýyş bölümi, 5 sany döwrebap operasiýa otagyndan ybarat operasiýa we steriliziýasiýa bölümi hem-de anesteziologiýa we intensiw terapiýa bölümleri hereket edýär.

Ynsan saglygyny goramak, sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, adam ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şoňa laýyklykda hem berkarar döwletimizde adamlaryň saglygyny berkitmek barada zerur işler alnyp barylýar. Sagdyn durmuş kadalaryny ornaşdyrmaga, keselleriň öňüni alyp, olary netijeli bejermäge uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynda durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeler, gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler bütin dünýäde ykrar edilen kämil jemgyýetiň döwrebap merkezi hasaplanylýar.

Saglygy goraýyş ulgamynda bimöçber aladalary durmuşa geçirýän, halkymyzyň saglygyny goramakda taýsyz tagallary edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, döwlet bähbitli we bütin adamzat ähmiýetli işleriniň rowaçlanmagyny tüýs ýüregimizden arzuw edýäris.

Jumadurdy SOPYÝEW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň dosenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.

---

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVIII jildiniň neşir edilmegi halkymyzyň buýsanjyny artdyrdy.




Gahryman Arkadagymyz milli lukmançylygymyzy ösdürmegiň pederlerimiziň paýhasyny we tejribesini, dünýä lukmançylygynyň häzirki zaman meýillerini özünde jemleýän nusgasyny döretdi. Ylmy-ensiklopedik eseriň täze jildiniň sahypalarynda ýerli dermanlyk otlaryň we ösümlikleriň, şol sanda endemik ösümlikleriň dermanlyk häsiýetleri, olary ylmy we halk lukmançylygynda peýdalanmagyň mümkinçilikleri giňişleýin beýan edilýär. Baý mazmunly ylmy-ensiklopedik eser daşary ýurtly okyjylary türkmen tebigaty bilen ýakyndan tanyşdyrmaga hem ýardam eder.

Köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabyň täze jildi ylmy ýörelgeleri ugur edinip, dermanlyk ösümlikleriň atlaryndan ybarat sözlügi, dermanlyk içgileri taýýarlamagyň, olary ýygnamagyň usullary, şeýle hem saklamagyň möhletleri baradaky maglumatlary özünde jemleýär. Gahryman Arkadagymyzyň gündogar lukmançylygynyň görnükli alymlarynyň hem-de türkmen tebipleriniň nesilden-nesle geçip gelýän iň gowy tejribesi esasynda döreden «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik eseriniň täze jildi hem ýurtlaryň we halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň, şol sanda ylym-bilim, ynsanperwer ugurly hyzmatdaşlygyň hemmetaraplaýyn pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

Ogulnäzik ISENOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň diller kafedrasynyň uly mugallymy.

# ÝAŞULULARA BELENT SARPA

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda ýurdumyzda her ýylda giňden bellenilip geçilýän Ýaşulularyň halkara güni mynasybetli «Ýaşuly neslimiz ýaşlara nusgalyk görelde mekdebidir» diýen at bilen dabaraly duşuşyk geçirildi.

Oňa Türkmenistanyň Hormatly il ýaşululary Artyk Artykow, Jumanazar Mämmedow, Aşgabat şäherindäki 132-nji orta mekdebiň mugallymy Ogultäç Babaýewa, Aşgabat şäherindäki 65-nji çagalar bagynyň terbiýeçisi Oraztäç Nuryýewa, şeýle hem institutyň jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň dosenti Amanbibi Gylyjowa gatnaşdylar.

Duşuşygyň başynda myhmanlara sylag-sarpa bildirilip, olara sowgatlar gowşuryldy. Şeýle-de institutyň ýaşuly professor-mugallymlaryna ýadygärlik sowgatlaryny gowşurmak bilen bagly dabaraly pursatlar bolup geçdi. Soňra il sylagly ýaşulular, ak gyňaçly eneler çykyş edip, talyp ýaşlara ajaýyp zamanamyzyň hözirini görüp, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, okamaga, zamanabap bilim almaga, hünär eýesi bolmaga döredilip berilýän giň mümkinçilikler hakynda gürrüň berip, ýaşlara Watanyň mynasyp ogul-gyzlary bolmagy, öz alan hünärleri bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek işine goşant goşmagy ündediler. Mugallymlaryň, talyp ýaşlaryň çykyşynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan parasatly syýasatlaryny, döwletli ýol-ýörelgelerini wagyz etmekde möhüm orun eýeleýän il sylagly ýaşulularymyza, mährem enelerimize hoşallyk duýgulary beýan edildi. Dabaraly duşuşykda ýurdumyzy ösüşler ýoly bilen öňe alyp barýan, ýaşuly hemde ýaş nesiller üçin hemişelik alada edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözleri belentden ýañlandy.

Begmyrat GARABAÝEW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.



# NOBATDAKY UNIWERSIADA ÝARYŞLARY



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Türkmenistan ýurdumyzyň her bir güni toýdur-baýrama beslenýär.

2026-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda mähriban bilim ojagymyz bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Köpugurly sport toplumynda «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly XVI uniwersiadanyň açylyş dabarasy boldy. Bu dabara ýokary okuw mekdepleriniň talyplary gatnaşdy we uly ruhubelentlige eýe boldy.

Her ýyl geçirilmesi asylly däbe öwrülen Uniwersiada ýaryşlarynyň Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyjy netijesinde 2009-njy ýylda geçirilip başlanandygyny aýratyn bellemek gerek. Häzirki wagtda bu sport ýaryşlary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň sport ulgamynyň ösüşlere beslenýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Uniwersiadanyň esasy maksady sportuň giňden ýaýran görnüşleriniň talyp ýaşlaryň arasynda ýaýmakdan we üstünlikli netije gazanmakdan ybaratdyr. Dabarada «Sagdyn nesiller» aýdym-saz we tans topary özleriniň ajaýyp aýdymlaryny we görkezme çykyşlaryny ýerine ýetirdiler.

Leýli ALLAMYRADOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby, «Talyp sporty».

# SAGLYGY GORAÝYŞ, BILIM WE SPORT — ÖSÜŞIŇ MÖHÜM UGURLARY

2026-njy ýylyň 10–12-nji oktýabry aralygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe saglygy goraýyş, bilim we sport» atly sergi geçirildi. Bu sergi ýurdumyzda saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlarynda gazanylýan üstünlikleri, ýetilen sepgitleri hem-de geljekki ösüşleriň esasy ugurlaryny giňden açyp görkezmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde Türkmenistan döwletimizde halkyň saglygyny goramak, ýaş nesle döwrebap bilim bermek we sporty ösdürmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurlarda alnyp barylýan giň gerimli işler ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmaga we ýaşlaryň ukyp-başarnyklaryny ösdürmäge uly mümkinçilik döredýär.




Sergide saglygy goraýyş ulgamynda gazanylýan üstünlikler, döwrebap lukmançylyk enjamlary, keselleriň öňüni almak, anyklaýyş we bejeriş usullary bilen tanyşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şeýle hem lukmançylyk edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler aýratyn ähmiýete eýedir.

Bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikler hem serginiň esasy ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzda döwrebap bilim edaralarynyň döredilmegi, okuw işine innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, sanly bilim mümkinçilikleriniň giňeldilmegi ýaş nesliň kämil bilim almagyna ýardam berýär. Sergi bilim ulgamynda ýetilen sepgitleri görkezmek bilen bir hatarda, täze tejribeleri öwrenmek we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak üçin hem ähmiýetlidir.

Sport ulgamynyň ösdürilmegi hem sagdyn jemgyýeti kemala getirmekde möhüm orun eýeleýär. Ýurdumyzda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga döredilýän şertler, döwrebap sport desgalarynyň gurulmagy we türgenleriň halkara ýaryşlarynda gazanýan üstünlikleri Türkmenistanyň sport abraýyny has-da belende göterýär. Sergi sportuň köpçülikleýin häsiýete eýe bolmagyna, ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagyna bolan gyzyklanmasynyň artmagyna ýardam edýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe saglygy goraýyş, bilim we sport» atly sergi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolan ugurlaryň gazananlaryny şöhlelendirýän ähmiýetli çäreleriň biridir. Saglygy goraýyşda, bilimde we sportda gazanylýan üstünlikler halkymyzyň abadan durmuşynyň, ýaş nesliň bagtyýar geljeginiň we ýurdumyzyň ösüşiniň berk binýadydyr.

Oguljeren ATABAÝEWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 2-nji ýyl talyby.

# ÝURDUMYZYŇ WEKILI I MERKEZI AZIÝA TALYPLAR SPORT FORUMYNA GATNAŞDY




2026-njy ýylyň 29-njy sentýabryndan – 2-nji oktýabryna çenli Özbegistan Respublikasynda I Merkezi Aziýa Talyplar sport forumy geçirildi. Sebitleýin ähmiýetli bu halkara forum talyplar sportuny ösdürmek, öňdebaryjy tejribeleri alyşmak hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň degişli guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak meselelerine bagyşlandy.

Foruma Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Mongoliýanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň talyplar sport federasiýalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Foruma ýurdumyzdan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sportuň başabaş tutluşyk kafedrasynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýanyň baş kätibi Serdar Gurdow wekilçilik etdi. Bu waka Türkmenistanyň talyplar sportuny halkara derejede ösdürmäge, tejribe alyşmaga we Merkezi Aziýanyň degişli sport guramalary bilen gatnaşyklary berkitmäge gönükdirilen işleriň dowamlydygyny görkezýär.

Forumyň maksatnamasynyň çäklerinde 1-nji oktýabrda halkara wekiliýet Samarkand şäherine baryp gördi. Saparyň dowamynda myhmanlar Ýüpek ýoly halkara syýahatçylyk we medeni miras uniwersitetiniň işi, bu ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işleriniň alnyp barlyşy, talyplar we ýaşlar üçin döredilen şertler bilen tanyşdylar.

Saparyň möhüm çäreleriniň biri hem Halkara talyplar sport federasiýasynyň (FISU) prezidenti Leonz Ederiň we Özbegistanyň Talyplar sport birleşiginiň başlygynyň orunbasary Erkin Kodirowyň talyplar bilen geçiren duşuşygy boldy. Açyk görnüşde geçirilen pikir alyşmada talyplar sportunyň ösüşi, sport ulgamyndaky mümkinçilikler hem-de halkara tejribäniň alşylmagy barada gürrüň edildi. Şeýle hem wekiliýete uniwersitetiň sport düzümi we talyplar sportuny ösdürmek üçin döredilen mümkinçilikler görkezildi.

Forumyň maksatnamasy diňe sport çäreleri bilen çäklenmän, medeniýeti öwreniş çärelerini hem öz içine aldy. Şolaryň çäklerinde halkara wekiliýet Samarkandyň baý taryhy, medeni mirasy bilen tanyşdylar. Myhmanlar Gur-Emir aramgähine, Registan meýdançasyna, Bibi-Hanym metjidine we Ymam Buhary ýadygärlik toplumyna baryp gördüler.

I Merkezi Aziýa Talyplar sport forumy sebit döwletleriniň talyplar sportunyň ösüşi boýunça pikir alyşmagyna, döwrebap çemeleşmeleri öwrenmegine we geljekki hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitlemegine mümkinçilik döretdi.

Selbi ALLAMYRADOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we
sport institutynyň
sport žurnalistikasy hünäriniň
1-nji ýyl talyby.

# GURAMAÇYLYKLY GEÇIRILEN HALKARA YLMY MASLAHAT

Golaýda paýtagtymyz Aşgabatda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergi we ylmy maslahaty üstünlikli geçirildi. Bu giň möçberli sergi ýurdumyzyň sport, saglygy goraýyş we bilim ulgamynda gazanan üstünliklerini we ýetilen sepgitlerini dünýä bileleşigine ýaýýan meýdança boldy.

Dabaraly çäräniň çäklerinde geçirilen ylmy maslahat hem öz gezeginde birnäçe möhüm bölümçelerde işini dowam etdi. Maslahatyň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda geçirilen XIX bölümçesi «Sport ulgamynda innowasion tehnologiýalar», XXI bölümçesi bolsa «Olimpiýa filosofiýasy we sagdyn durmuş ýörelgelerini terbiýelemek» ady bilen geçirildi. Şeýle hem möhüm çäräniň XX bölümçesi Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebinde «Nobatdaky Olimpiýa oýunlaryna milli ýygyndy toparlaryny taýýarlamagyň ugurlary» ady bilen geçirilip, onda milli türgenlerimizi 2028-nji ýylda ABŞ-nyň Los-Anjeles şäherinde geçiriljek XXXIV Tomusky Olimpiýa oýunlaryna we XVIII Paralimpiýa oýunlaryna ylmy esasda taýýarlamagyň wajyp meseleleri seljerildi.



Maslahatyň bölümçelerine daşary ýurtly myhmanlar, ýokary derejeli hünärmenler, mugallymlar, talyp ýaşlar hem-de okuwçylar işjeň gatnaşdylar. Maslahatyň çäklerinde daşary ýurtly wekiller Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň hem-de Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň sport zallary, tejribehanalar, türgenleşmek üçin döredilen şertler bilen ýakyndan tanyşdylar.

Maslahatyň bölümçelerinde edilen çykyşlarda milli sportumyzy ylmy esasda ösdürmegiň, tälimçilik usullaryny döwrebaplaşdyrmagyň we türgenlerimiziň halkara derejesinde gazanýan üstünliklerini artdyrmagyň öňde goýlan möhüm wezipe bolup duryandygy bellenildi.

«Talyp sporty»

# WAGYZ-NESIHAT DUŞUŞYGY

16-njy oktýabrda Türkmen döwlet bedenterbiye we sport institutynyň uly mejlisler zalynda Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň merkezi geňeşiniň Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ilkinji zenanlar guramasynyň bilelikde guramagynda «Ornuňyz tördedir, sarpaňyz belent, ýaşaýşa ýarandyr mährem zenanlar» atly wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Wagyz-nesihat duşuşygyny Türkmen döwlet bedenterbiye we sport institutynyň Bedenterbiýäniň sportuň nazaryýeti we usulyýeti kafedrasynyň uly mugallymy, ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy Läle Annamyradowa alyp bardy.

Duşuşyga Turkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň Tebigat we ülkäni öwreniş bölüminiň uly ylmy işgäri, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň işjeň agzasy Güljemal Annamyradowa hem-de Aşgabat şäheriniň 5-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň işjeň agzasy Ogulsabyr Rejepowa we Aşgabat şäheriniň kömekçi mekdebiniň mugallymy Annasaparowa Ogulgerek dagylar gatnaşdylar.

Olar pederlerimizden miras galan milliligimizi, däp-dessurlarymyzy, edep-terbiýäni, maşgala mukaddesligi barada özleriniň ajaýyp öwüt-ündewlerini wagyz etdiler. Duşuşygyň soňunda Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözlerini aytdylar.

Aýnur ESENAMANOWA,
Türkmen döwlet
bedenterbiýe we sport
institutynyň
Sport tehnologiýalary
we menejmenti
kafedrasynyň mugallymy.

# SPORT DIPLOMATIÝASY BARHA ILERLEÝÄR

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bedenterbiýäniň, sportuň nazaryýeti we usulyýeti kafedrasynyň müdiri Allamyrat Goçowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Kazan şäherinde ýerleşýän Powolžýe döwlet bedenterbiýe, sport we syýahatçylyk uniwersitetine amala aşyran iş sapary sport ylmy hem-de bilimi boýunça tejribe alyşmakda möhüm netijelere beslendi.

Bu resmi sapar diňe bir ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, Bitarap döwletimiziň halkara giňişliginde parahatçylygy, dostlugy we özara düşünişmegi berkitmäge gönükdirilen sport diplomatiýasynyň dabaralanmagynyň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Ýurdumyzyň sport diplomatiýasy sporty diňe bir durnukly ösüşiň we sagdynlygyň guraly däl-de, eýsem, döwletara dostluk köprülerini gurmagyň esasy sütünleriniň biri hökmünde ykrar edýär. Şonuň ýaly-da, bu ugurdaky tagallalar milli ýygyndy toparymyzyň öňümizdäki abraýly halkara ýaryşlara, şol sanda 2028-nji ýylda Los-Anjeles şäherinde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlaryna ýokary derejede taýýarlyk görmeginde möhüm orny eýeleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri, aýratyn-da, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty halkara hyzmatdaşlygy işjeň giňeldip, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Russiýa, Hytaý we Koreýa Respublikasy ýaly döwletleriň öňdebaryjy ylym-bilim merkezleri bilen netijeli gatnaşyklary alyp barýar. Kazana guralan bu sapar hem şol köptaraply halkara hyzmatdaşlygyň dowamy bolup, uniwersitetiň rektory, professor Rafis Burganow bilen geçirilen duşuşyk sport ulgamynda ýokary hünärli tälimçileri hem-de ylmy hünärmenleri taýýarlamagyň, talyplaryň we mugallymlaryň tejribe alyşmagyny guramagyň täze ugurlaryny kesgitledi. Saparyň çäklerinde geçirilen «Akyly sport we syýahatçylyk: Bedenterbiýe, sport we syýahatçylyk ulgamynda sanly özgertmeler» atly ylmy-amaly maslahatda türkmen hünärmenleriniň ylmy tema bilen çykyş etmegi häzirki zaman sportunyň ylmyň we sanly tehnologiýalaryň sazlaşygyndan ybaratdygyny ýene bir gezek görkezdi. Şeýle hem saparyň dowamynda Kazanyň öňdebaryjy sport binalarynda, şol sanda gimnastika, tennis, suw sport görnüşleri we küreklemek merkezlerinde bolundy. Bu ýerde tälimçiler bilen alşylan öňdebaryjy tejribeler ýurdumyzda sportuň, ylmyň we bilimiň hil taýdan täze derejä çykmagyna, şeýle-de halkara derejeli täze çempionlary ýetişdirmek üçin ygtybarly ylmy binýat döretmäge hyzmat eder.

Merjen ORAZGELDIÝEWA,
TDB we SI-niň bedenterbiýäniň, sportuň nazaryýeti we usulyýeti kafedrasynyň mugallymy.




# BÜTINDÜNÝÄ KÜŞT OLIMPIADASYNDAKY ÜSTÜNLIK



Özbegistan Respublikasynyň Samarkand şäherinde 16 — 27-nji sentýabr aralygynda 46-njy Bütindünýä küşt olimpiadasy geçirildi. Dünýäniň onlarça döwletinden iň ussat küştçilerini bir ýere jemlän bu halkara ýaryşy çekeleşikli we gyzykly duşuşyklara örän baý boldy.

Bu abraýly ýaryşda Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň düzüminde üstünlikli çykyş eden ýokary okuw mekdebimiziň Sport fakultetiniň 5-nji ýyl talyby Ogulsuraý Bayrambaýewa özüniň ýokary ussatlygyny, paýhasyny hem-da berk erkinligini görkezdi. Ol ýaryşyň jemleri boýunça küşt görnüşinde 2-nji orny eýeläp, kümüş medala mynasyp boldy.

Ogulsuraýyň halkara derejesindäki bu uly üstünligi diňe bir ýokary okuw mekdebimizi däl, eýsem ýurdumyzyň sport jemgyýetçiliginiň hem uly buýsanjydyr. Çekeleşikli duşuşyklarda onuň bäsdeşlerine garşy oýnan oýunlarynda takyk göçüşleri, çylşyrymly ýagdaýlardan baş alyp çykmak ukyby we durnuklylygy munuň aýdyň şaýadydyr.

Ogulsuraý Baýrambaýewany gazanan bu uly we abraýly üstünligi bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Oňa geljekde hem halkara ýaryşlarda ýurdumyzyň baýdagyny belentde parlatmagy arzuw edýäris!

Jennet SUWHANOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiye we sport institutynyň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň uly mugallymy.

# SANLY TÜRGEN — 2026

2026-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty bilen Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň bilelikde guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Sanly türgen – 2026» atly Hakaton bäsleşigi geçirildi.

Ýaş türgenleri taýýarlamakda peýdalanyp bilinjek sanly platformalary, mobil goşundylary we maksatnamalary işläp taýýarlamaga gönükdirilen bu bäsleşige ýurdumyzyň 18 sany ýokary okuw mekdebinden 5 adamdan ybarat bolan ýygyndy toparlar gatnaşdylar. Talyplaryň hödürlän taslamalary olaryň funksionallygy, interfeýsi, işjeňligi, özboluşlylygy hem-de taýýarlanyşyň tizligi boýunça 100 ball ulgamynda bahalandyryldy. Bäsleşigiň jemleri aşakdaky görnüşe eýe boldy:

1. Türkmenistanyň Serhet instituty – 98 ball, baş baýrak;
2. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty – 93 ball, I orun;
3. Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty – 91 ball, I orun;
4. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti – 87 ball, II orun;
5. Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty – 86 ball, II orun;
6. Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersiteti – 84 ball, II orun;
7. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti – 83 ball, III orun;
8. Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti – 82 ball, III orun;
9. Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty – 81 ball, III orun;
10. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty – 81 ball, III orun;
11. Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk instituty – 80 ball, höweslendiriji baýrak;
12. S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti – 78 ball, höweslendiriji baýrak;
13. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty – 77 ball;
14. Türkmen döwlet maliýe instituty – 76 ball;
15. Türkmen oba hojalyk instituty – 75 ball;
16. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy – 74 ball;
17. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty – 65 ball;
18. Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty – 60 ball;




Bäsleşikde ýeňiji bolan toparlary Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

Geljekde hem ylmy-innowasion gözlegleriňizde hemişe öňdeligi arzuw edýäris!

Sport tehnologiýalary we menejmenti kafedrasy.



# GOLF — ÜNS MERKEZINDE

10-njy oktýabrda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli guralýan dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Jon Riz bilen duşuşdy.

Jon Riz türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza ýurduň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly wakalara gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Şeýle hem myhman ak mermerli Aşgabatda ýokary derejeli saglyk merkezleriniň açylyş dabaralaryna gatnaşmagyň özi üçin uly hormatdygyny nygtady. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda golf sportunyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşýan kompaniýanyň ýolbaşçysyny türkmen topragynda görýändigine örän şatdygyny aýdyp, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran saparyny we dünýä belli kompaniýanyň ýolbaşçysy bilen geçiren duşuşygyny hemişe ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanda ýokary netijeli sportuň, dynç alyş ulgamynyň we syýahatçylygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigi barada aýdyldy. Munuň özi ýurdumyzda ählumumy durnukly ösüşiň strategik ugry hasaplanylýar. Şunda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanda sportuň hem-de syýahatçylygyň, şol sanda golf sportunyň häzirki zaman düzümininiň döredilendigini belläp, ýurdumyzda golfçularyň täze nesliniň kemala gelýändigini aýtdy.

Saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda möhüm ähmiýetli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýan «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň ýolbaşçysy dünýäde ygtybarly hyzmatdaş hem-de halkara gatnaşyklary ösdürmek üçin degişli kanunçylyk binýady üpjün edilen Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmegiň, bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagyň özleri üçin uly hormatdygyny nygtady.

Aşgabat şäherinde gurlan golf meýdançasynyň şäher ilatynyň, aýratyn-da, ýaşlaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolandygyny, Arkadag şäherinde we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döwrebap golf meýdançalarynyň gurulmagynyň meýilleşdirilýändigini aýdyp, Gahryman Arkadagymyz bu babatda hyzmatdaşlygyň ägirt uly geljeginiň bardygyna ünsi çekdi. Jon Riz Türkmenistanda golf sportunyň ösdürilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilmeginiň örän guwandyryjy ýagdaýdygyny belläp, «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň ykdysady taýdan kuwwatly ýurduň dürli künjeklerinde golf meýdançalaryny gurmaga uly gyzyklanma bildirýändigini nygtady we ýolbaşçylyk edýän kompaniýasyna ynam bildirilmeginiň özleri üçin belent mertebedigini aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz «Nicklaus Companies» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagynyň ýurdumyzda golf sportuny ösdürmäge we sportuň bu görnüşini wagyz etmäge ýardam berjekdigini belläp, Jon Rize alyp barýan işinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdi.

«Talyp sporty»

# ATÇYLYK SPORTY — HALKYMYZYŇ GYMMATLYGY

Atçylyk sporty — bu diňe bir adaty sport görnüşi bolman, eýsem adam bilen tebigatyň, türgen bilen bedewiň arasyndaky ajaýyp sazlaşygy görkezýän kämil sungatdyr.

Gözbaşyny gadymy döwürlerden alyp gaýdýan atçylyk sportunyň nirede we haçan dörändigi barada dürli taryhy maglumatlar bar. Gadymy grekleriň at goşulan arabalar bilen guran ýaryşlary, gadymy Olimpiýa oýunlaryndaky atly ýaryşlar, türkmen halky bilen birlikde, Merkezi Aziýanyň beýleki halklarynyň gatnaşmagynda geçirilen dürli at çapyşyklary, bu ugurdaky milli oýunlar, atly nökerleriň söweş tälimleri şeýle maglumatlaryň döremegine esas bolupdyr.




Biziň eýýamymyzda öňki 680-nji ýyldan başlap Olimpiýa oýunlarynyň sanawyna at goşulan arabalarda ylgaw ýaryşlarynyň goşulandygy ham bellidir. At çapyşyklary bolsa biziň eýýamymyzdan öňki 648-nji ýyldan Olimpiýa oýunynyň düzümine goşulypdyr.

Atçylyk sporty Ýewropa XV — XVI asyrlarda ýaýraýar. Şol döwürlerde Italiýada, Fransiýada we Ispaniýada ýörite döredilen meýdançalarda at oýnatmagyň mekdepleriniň esaslandyrylandygyny bellemek gerek. Beýik Biritaniýada bolsa XVI — XVIII asyrlarda atçylyk sportunyň çylşyrymly görnüşleri giň meşhurlyga eýe bolup ugraýar. Mälim bolşy ýaly, Olimpiýa oýunlary 1896-njy ýylda gaýtadan dikeldilýär. Fransiýanyň Pariž şäherinde 1900-nji ýylda geçirilen Olimpiýa oýunlaryndan başlap, onuň saawyna atçylyk sportunyň nusgawy görnüşleri girizilýär.

Atçylyk sportynyň has giňden ýaýran we meşhur bolan mekanlarynyň biri hem ata Watanymyz Türkmenistan hasaplanylýar. Türkmen halkynyň taryhynda we medeniýetinde atyň eýeleýän orny örän uly bolup, atçylyk sporty biziň milli buýsanjymyza öwrüldi. Ahalteke bedewleri özüniň gözelligi, çaltlygy we çydamlylygy bilen bütin dünýäde meşhurlyk gazandy. Atçylyk sporty ýurdumyzda aýratyn söýgi we hormat bilen giňden meşgullanylýan sportlaryň biri hasaplanylýar.

Ahalteke atlarynyň mekany hasaplanylýan Watanymyzda atçylyk sporty birnäçe özboluşly ugurlara bölünýär. Olaryň hersi türgenden özboluşly başarnygy, çydamlylygy we güýji talap edýär. Atçylyk sportunyň has giňden ýaýran görnüşleriniň hataryna at çapyşyklary, kesişýän päsgelçiliklerden atly bökmek (konkur), aty dolandyrmak sungaty we at üstündäki milli oýunlar degişli edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe atçylyk sportuny ösdürmäge we ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny artdyrmaga aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzyň welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde döwrebap atçylyk-sport toplumlary gurulyp ulanylmaga berildi. Bu toplumlarda atçylyk sportunyň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga ähli şertler döredildi.

Saparnyýaz ILMYRADOW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe
we sport institutynyň
sport žurnalistikasy
hünäriniň talyby,
«Talyp sporty».

# DURKY PELEŇ, ŞIR MYSALY

Häzirki döwürde ýurdumyzda milli mirasymyza belent sarpa goýulýar. Ol ylmy esasda öwrenilýär. Şeýle gymmatlyklarymyzyň biri hem türkmen alabaýydyr. Bilşimiz ýaly, oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen alabaýynyň baýramy giňden bellenilýär.

Gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan milli gymmatlyklarymyz türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden we kämilleşdiren mirasydyr. Şolardan türkmen alabaýlary dünýäde iň meşhur tohum itleriniň biri bolup, oňa bolan gyzyklanma barha artýar.



Alabaýlaryň wepalylygy hakynda ençeme nakyllar döredilipdir. Türkmen aga bu wepaly alabaýlara bagyşlap: «Itim — gutum», «Itim geldi — gutum geldi», «Itiň demi — süňküň emi» diýen ýaly paýhasly sözleri hem döredipdirler. Wepaly alabaýlaryň gadymylygy, duýgurlygy, batyrlygy, akyllylygy bilen bir hatarda olaryň eýesine örän wepalydygyny subut edýän köp maglumatlar taryhy çeşmelerde hem öz beýanyny tapypdyr. Şeýle ajaýyplyklar häzirki döwürde halkymyzda, şol sanda ýaş nesillerde türkmen alabaýlaryna bolan buýsanjy artdyrýar.

25-nji oktýabrda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli dabaralar geçirildi. Munuň özi halkymyzyň türkmen alabaýyna bolan buýsanjynyň aýdyň beýanydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen türkmen alabaýy Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň nyşany hökmünde seçilip alyndy. Munuň özi halkymyzyň wepaly dostuna öwrülen alabaýlaryň häzirki döwürde milli gymmatlyk hökmündäki ähmiýetiniň Ýer ýüzünde barha artýandygynyň nobatdaky beýanydyr.

Milli gymmatlyklarymyzy has-da belende galdyrmakda we dünýä ýaýmakda döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys!

Maksatmuhammet
ORAZDURDYÝEW,
Türkmen döwlet bedenterbiýe
we sport institutynyň
mugallymy.

SÖHBETDEŞLIK

# AT OGLAN PÄLWAN...

Ýaňy-ýakynda maşgala agzalary bilen sporta uly sarpa goýýan ojaklaryň birinde myhmançylykda bolup, sport hakynda gyzykly gürrüňleriň şaýady boldum. Şu günki söhbetdeşligimizde sporty özüne hemra edinen, ýurdumyzyň belli pälwanlarynyň biri — tälimçi Gurbanmyrat Möwlamowyň sport maşgalasy baradaky gyzykly gürrüňleri «Talyp sporty» gazetiniň okyjylaryna ýetiräris.

— Pälwan aga, ilki bilen sportuň göreş ugruna girip gelşiňiz, geçen ömür ýoluňyzyň dowamynda gazanan üstünlikleriňiz dogrusynda gürrüň beräýseňiz.

— Sportuň göreş görnüşi — meniň dostum, ondada neneňsi dost diýip pikir edýärsiňiz?! Durmuşymdaky ähli kynçylyklary sabyr bilen ýeňip geçmegi öwreden dostum. Maňa halk «pälwan» diýip ýüzlenýär. Bu dereje maňa buýsanç döredýär. Munuň özi adamlaryň maňa bildiren ynamydyr. Maksadym at-abraý ýa-da ýeňiş däl-de, halkyň maňa bolan ynamyny ödäp bilmegimdir. Meniň özüm 1993-nji ýyldan bäri yzygyderli göreş boýunça geçirilýän sport bäsleşiklerine gatnaşyp gelýärin. 1993-1997-nji ýyllarda geçirilen göreş boýunça bäsleşikleriň ählisinde hem 1-nji oruny eýeläp, altyn medala we Türkmenistanyň çempiony adyna mynasyp boldum. 1995-nji ýylda Türkmenistanyň sport ussady diýen hormatly adyň eýesi bolmak maňa miýesser etdi. Göreş boýunça Türkmenistanyň 7 gezek çempiony diýen belent ada mynasyp boldum. Häzirki wagtda hem sportuň göreş ugry boýunça ösüp gelýän ýaş nesillere tälim bermek işleri boýunça meşgullanýaryn. Menden tälim alýan ençeme okuwçylar hem etrap, welaýat, hem-de döwlet derejelerindäki bäsleşiklerde baýrakly orunlary eýeläp gelýärler.

— Halypa size şeýlerăk bir sowal bilen ýüzlenesim gelýär. Sport ýoluňyzda alan ilkinji maslahatlaryňyzy kimden aldyňyz we siziň durmuşuňyza nähili täsir etdi?

— Mende sporta bolan höwesi döreden öz agam — Jepbar Möwlamowdyr. Agam ilki-ilkiler oba toýlaryna alyp gidip, türkmen milli göreşiniň inçe tilsimlerini öwretdi. Ol meni eziz görüp, atalyk maslahatlaryny berdi. Agamyň aýdan jümlesi henizem hakydamda ýaňlanýar: «Hakyky pälwan boljak bolsaň, durmuşyň ähli kynçylygyny görmedik ýaly bolup geçip gitmelidirsiň. Sebäbi pälwan diýilýän ynsan ähli kynçylyklary ýeňip başarsa, şonda hakyky pälwan bolýar» — diýýärdi. Birbada maňa göreş bilen meşgullanmak agyr düşdi. Emma agamyň parasatly jümlelerinden ugur alyp, özüme bolan ynamymy barha güýçlendirdim. Özüme bolan ynamym meni uly üstünliklere ýetirdi. Tälimçi agamyň beren her bir maslahaty maňa ruhy taýdan goldaw boldy.

— Gurbanmyrat aga, il içinde Size «At oglan pälwan» hem diýlip tutulýar ekeni. Eýsem bu ýörgünli adyň hikmeti nämekä?

— Dogrudanam, maňa il içinde «At oglan pälwan» diýýärler. Munuň sebäbi has irki döwürlerime barýar. 1-nji synpa gadam basyp ugranymda, ata münüp öri meýdanlarda goýundur guzulara ideg edip, ýeller bilen bäs edip, öz Gyrat atly atymy çapardym. 4-nji synpa geçenimde etrabymyzyň Aýböwür geňeşliginde Aman aganyň atçapan toýuna baryp, birnäçe atlar bilen bäsleşip, şol toýda pellehana ilkinji bolup baryp, toý tutýanyň şa serpaýyna mynasyp boldum. Şol obanyň adamlary şol günden bäri



meniň adyma «At oglan pälwan» diýip at dakdylar. Megerem 7-nji synp okuwçy üçin ýeňiş gazanmak adamlarda uly gyzyklanma döreden bolsa gerek. At münmek, onda-da ýeňiji bolmak üçin bu ir ýaş hasaplanýar. Emma men ýaş bolsamam şunuň hötdesinden geldim. Wagtyň geçmegi bilen, maňa diňe bir oba adamlary däl, eýsem, tutuş etrabyň adamlary hem «At oglan pälwan» diýen adymy tutup ugradylar. Bu bolsa mende has uly joşguny döredýär.

— Ýeňişleriň we kynçylyklaryň mekdebini geçen ynsan hökmünde sport ugrunda tälim alýan ýaşlara berjek maslahatlaryňyz barada durup geçäýiň.

— Sport bu hemişe ýeňişlerden ybarat däldir. Ýaşlara ilkinji berjek maslahatym hiç bir bäslesiklerden ýykyldym diýmäň, sebäbi adam ýykylyp, öz üstünde işläp, kämilleşýär. Siziň her bir başaryp bilmedik işleriňiz ýa-da gazanyp bilmedik üstünlikleriňiz ýalňyşlyklaryňyzy düzetmäge itergi berýär. Her bir kemçilik bolsa adamy taplaýar. Esasy zat ruhdan düşmezlik, goýan maksadyňdan dänmezlik. Sözümiň ahyrynda bolsa, maşgala agzalarymyz bilen sport bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarmyza köp sag bolsun aýdýarys.

— Halypa beren täsirli gürrüňleriňiz üçin sag boluň. Özüm hem goşgy ýazmak bilen gyzyklanam soň, söhbetdeşligimi şu ajaýyp goşgy setirleri bilen tamamlamak isleýärin.

Ýyksaň — sabyr eýle, ýykylsaň — mert bol,
Her tutan göreşiň toýa ulaşsyn.
Halallyk ýolunda pälwan adyň bar,
Şöhratyň äleme, göklere daşsyn.

Meýdan görer seniň polat keşbiňi,
Arslan ýaly haýbatlydan döşüň bar.
Sakla mertligini türkmen eşretin,
Saňa garap duran türkmen halkyň bar.

Güneş AGAMEDOWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport tehnologiýalarynyň tehniki üpjünçiligi hünäriniň 1-nji ýyl talyby, «Talyp sporty».

# ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIK!

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 31 ýyllyk toýy mynasybetli «Talyp sporty» gazetiniň redaksiýasynyň ýokary okuw mekdebimiziň talyp ýaşlarynyň arasynda yglan edýän «Bitaraplyk Ýer ýüzüne görelde — bagtyýar ýaşlara baky ýörelge» atly döredijilik bäsleşiginiň

DÜZGÜNNAMASY

Bäsleşigiň maksady:

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hemde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyz barha ösüşlere beslenýär. Ýaşlary berkarar döwletimiziň daýanjyna deňeýän hormatly Prezidentimiz olaryň okap bilim almagy, sport bilen meşgullanmagy, ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmegi ugrunda yzygiderli aladalar edýär. Hut şu başlangyçlardan ugur alyp, «Talyp sporty» gazeti ýokary okuw mekdebimizde okap bilim alýan, döredijilik bilen meşgullanýan talyplaryň arasynda «Bitaraplyk Ýer ýüzüne görelde — bagtyýar ýaşlara baky ýörelge» atly döredijilik bäsleşigini yglan edýär.

Bäsleşigiň şerti we geçiş tertibi:

1. Bäsleşik döredijiligiň goşgy hem-de makala ýazmak görnüşleri boýunça geçirilýär. Döredijilik bäsleşigine iberilen makalalar we goşgular ozal hiç bir metbugat neşirinde çap edilmedik bolmaly. Eserlerde ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň taglymatlaryny milli sportumyzyň asylly ýörelgeleri bilen utgaşdyryp beýan edilmeli;

2. Bäsleşige gatnaşýan talyplar döredijilik işleriniň ýany bilen özleri baradaky maglumatnamany, fakultetini, hünärini we öýjükli el telefon belgisini goşmalydyrlar;

3. Ýazylan goşgulardyr makalalar «Talyp sporty» gazetiniň redaksiýasyna dekabr aýynyň 1-ne çenli tabşyrylyp bilner.

Bäsleşigiň jemini jemlemek:

Bäsleşigiň jemini jemlemek boýunça redaksiýamyzyň döredijilik işgärlerinden ýörite eminler topary düzüler. Ýeňiji bolanlara Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlary gowşurylar. Bäsleşigiň jemleri 2026-njy ýylyň dekabr aýynyň ikinji ongünlüginde jemleniler.

## PEÝDALY MASLAHATLAR

- Güýz paslynda şemally, ýagmyrly günleriň bolýandygyny we howanyň derejesiniň üýtgäp duryandygyny nazara alyp, paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmeli.
- Sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerip, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly. Zyýanly endiklerden daşda durmaly. Açyk arassa howada gezelenç etmeli.
- Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere baý bolan önümleri kabul etmeli.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.

REDAKTOR:
GÜLNUR BAÝLYÝEWA
JOGAPKÄR KÄTIP:
AKMEŇLI KAKABAÝEWA

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**
G.Baýlyýewa M.Joraýewa
O.Eýeberenowa H.Muhyýewa
G.Agamedowa A.Şaýymowa
S.Kulyýewa L.Allamyradowa
G.Aşyrowa O.Hajyamanowa
A.Ýegenmyradow S.Ilmyradow

**Salgysy:** 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

**E-mail:** ***tdbsi@sanly.tm***

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşinde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

**Möçberi:** 8 sahypa